#34 (56)
понедельник, 23 августа 2021 года

Интернет газета
Международные новости

Учредитель — Министерство иностранных дел Туркменистана



# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI GEÇIRILDI

20-nji awgustda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň sanly ulgam arkaly nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda döwletimiziň durmuşy bilen bagly möhüm meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy, şeýle hem milli ykdysadyýetiň esasy pudaklaryny sazlaşykly ösdürmäge gönükdirilen birnäçe resminamalaryň taslamalaryna garaldy.

Mejlisiň barşynda Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow çykyş etdi. Ol Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň şu ýylyň 14-nji sentýabrynda Nýu-Ýorkda öz işine başlajak nobatdaky 76-njy mejlisinde Türkmenistanyň ileri tutýan garaýyşlary barada hasabat berdi. Mejlise taýýarlyk görmek maksady bilen, häzirki wagtda DIM-de degişli işler amala aşyrylýar.

Bu möhüm resminama Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň oňyn başlangyçlarynyň we teklipleriniň esasynda taýýarlanyldy hem-de birnäçe esasy ugurlary özünde jemleýär.

Şolaryň biri ähliumumy howpa — täze görnüşli howply ýokanç kesele garşy göreşmekde hem-de onuň ýaýramagy bilen ýüze çykan durmuş-ykdysady täsirleri azaltmakda halkara jemgyýetçiligiň tagallalaryny berkitmekden ybaratdyr.

Şunuň bilen baglylykda, milli Lideriň ozal öňe süren başlangyçlaryny we anyk tekliplerini durmuşa geçirmek boýunça işler ýerine ýetirilýär. Şolaryň arasynda ylmy diplomatiýa ugry boýunça halkara hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmek, BSGG-niň öýken sowuklama keseline garşy göreşmek boýunça köptaraplaýyn guralyny ýola goýmak, BSGG-niň koronawirus ýokanjynyň genomyny öwrenmek üçin Ýörite maksatnamasyny düzmek, BSGG-niň Ýiti ýokanç keselleri bejeriş we olaryň öňüni alyş usulyýet merkezini döretmek hem-de Merkezi Aziýada Epidemiologiýa, wirusologiýa we bakteriologiýa merkezini döretmek baradaky teklipler bar.

Häzirki zaman şertlerinde ähliumumy parahatçylygy we howpsuzlygy berkitmek aýratyn ähmiýete eýedir. Şunuň bilen baglylykda, Birleşen Milletler Guramasynyň öňde boljak mejlisiniň barşynda Türkmenistanyň Merkezi Aziýada parahatçylygy, howpsuzlygy, durnuklylygy pugtalandyrmaga, durnukly ösüşi üpjün etmäge gönükdirilen başlangyçlaryny durmuşa geçirmek boýunça hem degişli işler alnyp barlar. Merkezi Aziýanyň häzirki zaman ähliumumy geosyýasatynda eýeleýän möhüm ornuny ösdürmek, sebitde bolup geçýän özgerişleri dünýä gün tertibi bilen sazlaşdyrmak maksady bilen, Türkmenistan tarapyndan BMG-niň Baş Assambleýasynyň degişli Kararnamasynyň taslamasyny hödürlemek teklip edilýär. Bu resminama döwlet Baştutanynyň başlangyjy bilen şu ýylyň 6-njy awgustynda ýurdumyzda geçirilen Merkezi Aziýanyň döwlet Baştutanlarynyň konsultatiw duşuşygynda beýan edilen halkara teklipleri BMG-niň çäklerinde öňe sürmek üçin oňyn mümkinçilikleri döreder.

Mundan başga-da, BMG-niň Baş Assambleýasynyň 76-njy mejlisinde «Merkezi Aziýa — Hazar sebiti» atly parahatçylyk, ynanyşmak we hyzmatdaşlyk zolagyny döretmek başlangyjyny öňe sürmek teklip edilýär. Onuň şu ýyl Türkmenistanda geçiriljek VI Hazar sammitinde hukuk taýdan berkidilmegi maksadalaýyk hasaplanylýar.

Türkmenistan Aşgabatda ýerleşýän Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň işine mundan beýläk hem giň goldaw berer. Bu ugurda 76-njy mejlisiň dowamynda Türkmenistanyň başlangyjy bilen 2021-nji ýylda kabul edilen bu merkeziň işine bagyşlanan Baş Assambleýanyň degişli Kararnamasyny amala aşyrmagyň çäklerinde ýaşlar üçin Öňüni alyş diplomatiýasy akademiýasy hem-de Merkezi Aziýa ýurtlarynyň zenanlarynyň dialogy ýaly halkara hyzmatdaşlygyň görnüşlerini ösdürmek meýilleşdirilýär.

Türkmenistanyň ileri tutýan garaýyşlarynyň hatarynda terrorçylyga garşy göreş alyp barmak wezipesi kesgitlenildi. Şunuň bilen baglylykda, halkara jemgyýetçilige BMG-niň Kontrterrorçylyk müdirliginiň Halkara taslamalar boýunça Aşgabatdaky edarasyny açmak meselesine seretmek teklip ediler.

Türkmenistan halkara we sebit derejelerinde durnukly ösüşi gazanmakda köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy berkitmäge aýratyn ähmiýet berýär. Ýurdumyz Birleşen Milletler Guramasynyň Ykdysady we Durmuş geňeşiniň agzasy bolmak bilen, Durnukly ösüş maksatlaryny (DÖM) amala aşyrmakda BMG-niň sebit ykdysady guramalary bilen gatnaşyklary ösdürmek meselelerine uly ähmiýet berýär. Bu babatda Türkmenistanyň Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynda başlyklyk etmeginiň çäklerinde ýurdumyz tarapyndan BMG bilen YHG-niň arasyndaky hyzmatdaşlyk hakynda Baş Assambleýanyň Kararnamasynyň taslamasy taýýarlanyldy. Bu resminamany kabul etmek we 76-njy mejlisiň dowamynda onuň düzgünlerini ýerine ýetirmek üçin degişli halkara çäreleri geçirmek meýilleşdirilýär.

Durnukly ösüş maksatlarynyň biri bolan energiýa çeşmelerine ähliumumy elýeterliligi üpjün etmek maksady bilen, Birleşen Milletler Guramasynyň «Hemmeler üçin durnukly energiýa» atly başlangyjy bilen bilelikde bu mesele boýunça halkara forumy guramak teklip edilýär. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň durnukly ulag ulgamynda halkara hyzmatdaşlygy berkitmäge gönükdirilen tekliplerini durmuşa geçirmek maksady bilen, 2022-nji ýylda Türkmenistanda deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlaryň ministrleriniň halkara maslahatyny guramak göz öňünde tutulýar. Mundan başga-da, BMG-niň howandarlygynda sebitara ulag aragatnaşygyny ösdürmek boýunça Ýörite maksatnamanyň döredilmegini teklip etmek maksadalaýyk hasaplanýar.

Şeýle hem milli Lideriň BMG-niň çäklerinde pes uglerodly energiýany ösdürmek boýunça Strategiýany hem-de wodorod energetikasyny ösdürmek üçin halkara «Ýol kartasyny» düzmek baradaky tekliplerini durmuşa geçirmek üçin işleri amala aşyrmak göz öňünde tutulýar. Şu maksatlar bilen, Birleşen Milletler Guramasynyň Senagat ösüşi boýunça guramasy (UNIDO), Daşky gurşaw boýunça maksatnamasy (UNEP) hem-de Ösüş maksatnamasy (UNDP) bilen hyzmatdaşlygy güýçlendirmek teklip edilýär.

Türkmenistan köptaraplaýyn ynsanperwer hyzmatdaşlyk babatda BMG-niň Durmuş ösüşi boýunça komissiýasynyň 2021 — 2025-nji ýyllar üçin agzasy bolmak bilen, kabul edilen milli, sebit we ähliumumy strategiýalaryň, maksatnamalaryň we meýilnamalaryň durmuşa geçirilmegine aýratyn üns bermegi teklip edýär. Dünýäde emele gelen migrasiýa ýagdaýlaryny nazara alyp, BMG-niň Bosgunlaryň işi boýunça Ýokary komissarynyň müdiriýeti hem-de Halkara Migrasiýa Guramasy bilen gatnaşyklary işjeňleşdirmek maksadalaýyk hasaplanýar.

Mundan başga-da, Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň (ÝUNESKO) işine ýurdumyzyň gatnaşmagyny giňeltmek teklip edilýär. Hususan-da, Türkmenistanyň ÝUNESKO-nyň Hökümetara okeanografiýa komissiýasynyň Ýerine ýetiriji geňeşiniň hem-de Bedenterbiýe we sport boýunça Hökümetara komitetiniň agzalygyny doly möçberde ulanmak hem-de ýurdumyzyň bu guramanyň Halkara gidrologiýa maksatnamasynyň Hökümetara geňeşine 2021 — 2025-nji ýyllar üçin saýlanylmagyny üpjün etmek göz öňünde tutulýar.

Soňra wise-premýer, DIM-niň ýolbaşçysy «Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň işini kämilleşdirmek hakynda» we «Türkmenistanyň diplomatik gullugynyň maliýe meseleleri hakynda» Kararlaryň taýýarlanylan taslamalary barada hasabat berdi.

Prezident Gurbanguly Berdimuhamedow hasabaty diňläp hem-de mejlise gatnaşyjylara ýüzlenip, Garaşsyz, Bitarap döwletimiziň köptaraplaýyn hem-de ikitaraplaýyn görnüşde, abraýly halkara guramalaryň çäklerinde netijeli hyzmatdaşlyga ygrarlydygyny nygtady.

Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasy bilen köpugurly strategik hyzmatdaşlyk alyp barýar. Bu hyzmatdaşlyk ýylsaýyn täze many-mazmun bilen baýlaşýar. Döwlet Baştutany halkara gatnaşyklaryň wajyp ugurlary boýunça Türkmenistanyň öňe sürýän anyk başlangyçlarynyň muňa ýardam etmelidigini aýratyn belledi. Ýurduň öňe sürýän şol halkara başlangyçlarynda we tekliplerinde häzirki ýagdaýlary nazara almak bilen, hyzmatdaşlygy ösdürmegiň geljegi möhüm ugurlary beýan edilýär.

Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistan BMG-niň Baş Assambleýasynyň 76-njy mejlisiniň işine gatnaşmagyna Milletler Bileleşiginiň doly ygtyýarly agzasy hökmünde alyp barýan yzygiderli işiniň dowamy hökmünde garaýar. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow bular barada aýtmak bilen, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan iki gezek ykrar edilen Garaşsyz döwletimiziň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna esaslanýan daşary syýasy strategiýasynyň milli bähbitlere hem-de dünýä bileleşiginiň uzak möhletli maksatlaryna gabat gelýändigini belledi. Onuň BMG-niň Tertipnamasynyň ýörelgelerine laýyk gelýändigini hem-de dürli ulgamlarda bilelikdäki özara bähbitli taslamalary durmuşa geçirmek üçin ygtybarly esas bolup hyzmat edýändigini aýratyn nygtamak möhümdir.

Milli Lider şundan ugur almak bilen, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredowa Türkmenistanyň BMG-niň Baş Assambleýasynyň öňümizdäki 76-njy mejlisiniň işine gatnaşmagyna taýýarlyk görmegiň ýokary guramaçylyk derejesini üpjün etmegi hem-de ýurdumyzyň ileri tutýan garaýyşlaryny giň köpçülige ýetirmegi, halkara başlangyçlaryny ilerletmek boýunça yzygiderli çäreleri görmegi tabşyrdy.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow hödürlenen Kararlara gol çekip, olary sanly ulgam arkaly wise-premýere, DIM-niň ýolbaşçysyna iberdi hem-de bu resminamalary ýerine ýetirmek boýunça degişli görkezmeleri berdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary S.Berdimuhamedow gözegçilik edýän düzümlerinde alnyp barylýan işleriň ýagdaýy, ýurdumyzda netijeli maýa goýum syýasatyny işjeňleşdirmek boýunça döwlet Baştutanymyzyň ozal beren tabşyryklarynyň ýerine ýetirilişi hem-de «Fitch Ratings» halkara agentliginiň Türkmenistan üçin kesgitlenen derejeleri barada hasabat berdi. Dünýä hojalyk gatnaşyklarynyň ähliumumy ulgamynda dowam edýän çylşyrymly ýagdaýlara garamazdan, halkara reýting agentligi Türkmenistana ilkinji gezek şeýle bahalandyrma berdi. Munuň özi ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň durnukly we ýokary depginli ösüşiniň aýdyň subutnamasydyr.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow hasabaty diňläp, «Fitch Ratings» agentligi tarapyndan Türkmenistan üçin berlen halkara derejeleriň döwletimiziň halkara maliýe abraýyny ýokarlandyrmaga, ýurdumyza çekilýän maýa goýumlarynyň mukdaryny artdyrmaga we karzlaryň şertlerini ýeňilleşdirmäge, netijede, Türkmenistanyň daşary ykdysady işiniň has-da ösmegine ýardam berjekdigini belledi. Munuň özi Türkmenistan üçin örän uly abraýdyr. Şonuň üçin hem Türkmenistana döwürleýin esasda derejeleri almak we ony has-da ýokarlandyrmak boýunça halkara agentlikler bilen zerur işleri mundan beýläk-de yzygiderli alyp barmak babatda wise-premýere anyk tabşyryklar berildi.

Döwlet Baştutany Ministrler Kabinetiniň sanly ulgam arkaly geçirilen mejlisini jemläp, onda döwlet durmuşyna degişli meseleleriň ara alnyp maslahatlaşylandygyny hem-de pudaklary ösdürmäge gönükdirilen birnäçe resminamalaryň kabul edilendigini belledi.

Milli Lider mejlisi tamamlap, oňa gatnaşanlara berk jan saglygyny, maşgala abadançylygyny, berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ PERMANY

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2021-nji ýylyň 18-nji awgustyndaky Permany bilen, Şöhrat Durdykulyýewiç Jumaýew başga işe geçmegi sebäpli, Türkmenistanyň Fransiýa Respublikasyndaky (Pariž şäheri) Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçisi hem-de Türkmenistanyň Portugaliýa Respublikasyndaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçisi wezipelerinden boşadyldy.

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ KARARY

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2021-nji ýylyň 18-nji awgustyndaky Karary bilen, Şöhrat Durdykulyýewiç Jumaýew başga işe geçmegi sebäpli, Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet boýunça guramasynyň (ÝUNESKO) ýanyndaky Türkmenistanyň Hemişelik wekili hem-de Türkmenistanyň Halkara sergiler býurosynyň ýanyndaky wekili wezipelerinden boşadyldy.

## RESMI HABARLAR

«Diplomatik gulluk hakynda» we «Kiberhowpsuzlyk hakynda» Türkmenistanyň Kanunlaryna laýyklykda, şeýle hem Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň merkezi edarasynyň gurluşyny has-da kämilleşdirmek maksady bilen, Türkmenistanyň Prezidenti Karara gol çekdi. Resminama bilen, Daşary işler ministrliginiň merkezi edarasynyň gurluşy tassyklanyldy.

Daşary işler ministrligine Adalat ministrligi bilen bilelikde şu Karardan gelip çykýan üýtgetmeleri we goşmaçalary Türkmenistanyň kanunçylygyna girizmek baradaky teklipleri bir aý möhletde taýýarlamak we Ministrler Kabinetine bermek tabşyryldy.

***

«Diplomatik gulluk hakynda», «Türkmenistanyň daşary ýurt döwletlerindäki diplomatik wekilhanalarynyň statusy hakynda» we «Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky konsullyk edaralary hakynda» Türkmenistanyň Kanunlaryna laýyklykda, şeýle hem Türkmenistanyň daşary ýurt döwletlerindäki diplomatik wekilhanalarynyň we konsullyk edaralarynyň işini kämilleşdirmek we olaryň öz üstüne ýüklenilen wezipelerini netijeli ýerine ýetirmegini üpjün etmek maksady bilen, Türkmenistanyň Prezidenti Karara gol çekdi. Resminama bilen, Daşary işler ministrliginiň 2021-nji ýyl üçin çykdajylarynyň sanawy, şeýle hem daşary ýurt döwletlerindäki diplomatik wekilhanalaryny we konsullyk edaralaryny saklamak üçin çykdajylaryň sanawy tassyklanyldy.

Daşary işler ministrligine Adalat ministrligi bilen bilelikde şu Karardan gelip çykýan üýtgetmeleri we goşmaçalary Türkmenistanyň kanunçylygyna girizmek baradaky teklipleri bir aý möhletde taýýarlamak we Ministrler Kabinetine bermek tabşyryldy.

Интернет газета
Международные новости

## TURKMENISTAN STANDS FOR THE QUICK STABILIZATION OF THE SITUATION IN AFGHANISTAN

The Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan continues to attentively observe the development of the situation and events in Afghanistan.

In this respect, the Turkmen side especially emphasizes that based on the principles of friendship and good neighborliness, as well as being guided by the historical, cultural and civilizational commonality of the peoples of two countries, Turkmenistan has always been and remains firmly interested in the domestic stability and security of Afghanistan, wellbeing of the fraternal Afghan people. At the same time, Turkmenistan is a strong adherent of peaceful resolution of all the issues of Afghan problematic through political and diplomatic means and methods.

The official Ashgabat stands for the quick stabilization of the situation in Afghanistan and expresses assuredness in that the new state institutions in this country will be soon established in the legal framework and with wide participation of all ethnic groups residing in Afghanistan.

Being a good neighbor of Afghanistan and a state with the status of permanent neutrality declared by the United Nations, Turkmenistan in accordance with the principles and norms of the UN Charter will continue its work aimed at rendering comprehensive assistance to the Afghan people in the process of establishing peace, civil concord and stability in the county, as well as the economic, social and humanitarian development of Afghanistan.

The MFA of Turkmenistan informed that a number of countries have started to evacuate their citizens who are present in Afghanistan. In this respect, Turkmenistan fulfilling its international obligations, including those originating from the international humanitarian law, continues to provide its airspace for the transportation of the abovementioned category of persons by the aircrafts of foreign states.

In recent days, the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan informed that the Embassy of Turkmenistan in Kabul, as well as the Consulates General in the cities of Herat and Mazar-i-Sharif are continuing to function in the regular mode.

At the same time, the external perimeter of the premises of the Embassy and Consulates General is being guarded by the representatives of the "Taliban" movement.



The Turkmen diplomats fulfill their duties in full format in accordance with the regular working schedule of the missions of Turkmenistan abroad.

A reduction of the staff members or partial evacuation of the employees of the diplomatic mission and the consular entities did not take place.

On the 18th of August, the Consul General of Turkmenistan in Herat city had a meeting with the



head of the representation of the Taliban movement in Herat province.

During the consultations the parties discussed organizational and other matters, related to the activities of the Consulate General of Turkmenistan in the western zone of Afghanistan

At the meeting held in a friendly atmosphere, it was underlined that the historical and cultural community of the peoples of Turkmenistan and Afghanistan serves as a solid base for the development of good neighborly relations now and in the long term.

On the same day, the Consul General of Turkmenistan in the city of Mazar-i-Sharif met with the head of the representative office of the "Taliban" movement in the province of Balkh.

During the meeting held in a positive and constructive manner, a number of concrete issues were discussed in relation to the implementation of duties of the Turkmen consular organization in the northern provinces of Afghanistan.

It was noted that the relations between the peoples of two countries are brotherly and based on the principles of friendship and good neighborliness.

## THE "FITCH RATINGS" PUBLISHED THE RATINGS FOR TURKMENISTAN

The international rating agency "Fitch Ratings" assigned the following ratings to Turkmenistan: short-term rating on the level "B" and the long-term rating on the level "B+ stable" which proves the stable development of the national economy of Turkmenistan.

The assignment to Turkmenistan of the following ratings will contribute to further intensification of external economic activity of the country and the expansion of its trade-economic ties with the other states.

"Fitch Ratings" is an international credit rating agency. Investors use the company's ratings as a guide as to which investments will not default and subsequently yield a solid return. The agency's analysis and deep expertise have resulted in a variety of market leading tools, methodologies, indices, research and analytical products, which have helped investors manages risks and take appropriate decisions.

Turkmenistan's ratings reflected in the "Fitch Ratings" agency will promote the international financial status of the country, increase the volumes of investments to various sectors and simplify credit conditions. This will lead to further development of foreign trade activities and increase the standing of Turkmenistan on the world arena as a reliable partner in the economic vector.

In the framework of implementation of the "Programme of Development of External Economic Activity of Turkmenistan for 2020-2025", Turkmenistan, having the observer status in the World Trade Organization, tirelessly works on the promotion of regional and international economic cooperation.

The efforts of the country to create favorable investment climate in the country, as well as to develop energy, transport and financial cooperation in the region and beyond are not left unnoticed.

## СОСТОЯЛОСЬ ЧЕСТВОВАНИЕ НАЦИОНАЛЬНОЙ ОЛИМПИЙСКОЙ СБОРНОЙ КОМАНДЫ ТУРКМЕНИСТАНА




21 августа при участии Заместителя Председателя Кабинета Министров Туркменистана, Заслуженного тренера Туркменистана Сердара Бердымухамедова состоялась торжественная церемония вручения государственных наград призеру страны в XXXII летних Олимпийских играх в Токио – Полине Гурьевой.

На церемонии чествования представителей туркменского спорта, внёсших весомый вклад в приумножение мирового спортивного авторитета Туркменистана по итогам XXXII летних Олимпийских игр в Токио, проходившем в спортивном комплексе боевых искусств, приняли участие члены Правительства, руководители Меджлиса и Халк Маслахаты Милли Генгеша, министерств и отраслевых ведомств, общественных организаций, известные спортсмены и тренеры, работники средств массовой информации.

В начале церемонии вице-премьер зачитал приветственное Обращение Президента Гурбангулы Бердымухамедова к Национальной сборной команде, успешно выступившей на Олимпиаде в Японии.

«Участие наших атлетов в крупных мировых турнирах и достигаемые успехи, а также неуклонное повышение авторитета страны на международной спортивной арене – яркое свидетельство пристального внимания, уделяемого в нашем независимом государстве развитию массовой физкультуры и Олимпийского движения», – говорится в послании.

Далее были зачитаны Указы и Распоряжение Президента Туркменистана о награждении спортсмена и тренеров сборной страны государственными наградами и вручении им подарков.

По результатам XXXII летних Олимпийских игр в Токио Полина Гурьева, выступая в весовой категории до 59 кг, показала результат 217 кг и впервые в истории туркменского спорта завоевала серебряную медаль Олимпийских игр.

В торжественной обстановке, под аплодисменты собравшихся вице-премьер, заслуженный тренер Туркменистана С.Бердымухамедов вручил отличившейся спортсменке и её наставникам высокие государственные награды.

Согласно Указу главы государства, тренер-преподаватель Школы высшего спортивного мастерства Министерства спорта и молодёжной политики Туркменистана А.Сарыев награждён орденом «Garaşsyz Türkmenistana bolan beýik söýgüsi üçin».

Учитывая большие заслуги в приумножении международного престижа туркменского спорта, особое отличие в учебно-тренировочном процессе, успешное выступление и занятие призового места на прошедших в городе Токио Японии в 2021 году XXXII летних Олимпийских играх, а также за достигнутые высокие результаты Указом Президента Туркменистана студентке Туркменского государственного института физической культуры и спорта Полине Гурьевой было



присвоено почётное звание «Türkmenistanyň at gazanan sport ussady» («Заслуженный мастер спорта Туркменистана»).

В соответствии с Распоряжением главы государства Полине Гурьевой также были вручены ключи от трёхкомнатной квартиры со всеми удобствами в Ашхабаде и от автомобиля «Lexus LX570 Sport Plus» 2021 года выпуска, а также денежная премия в размере 50 тысяч долларов США.

Согласно Распоряжению главы государства, тренеру-преподавателю секции тяжёлой атлетики Школы высшего спортивного мастерства Министерства спорта и молодёжной политики Туркменистана А.Эмиряну были вручены ключи от автомобиля «Toyota Camry» 2021 года выпуска.

Звучит Государственный гимн Туркменистана, под величественную мелодию которого под своды зала поднимается Государственный флаг Отчизны.

От имени членов команды нашей страны, принимавших участие в XXXII летних Олимпийских играх, Полина Гурьева выразила сердечную признательность Президенту Гурбангулы Бердымухамедову за огромное внимание, уделяемое развитию отечественного спорта. Как отмечалось, достижения в этой сфере обусловлены деятельной заботой лидера нации, возлагающего на туркменских атлетов большие надежды, что и воодушевляет их на новые победы.

«В то мгновение, когда наш Государственный стяг был поднят в честь нашего олимпийского успеха, чувство безмерной гордости переполнило нас, поскольку мы смогли оправдать доверие нашего Аркадага», – сказала спортсменка.

Кроме этого, наставники олимпийской медалистки А.Сарыев и А.Эмирян подчеркнули, что успех П.Гурьевой на Олимпиаде – замечательный подарок к 30-летию независимости Отчизны. Как отмечалось, поднятие зелёного Стяга Родины в честь победы нашей соотечественницы стало самым волнительным моментом для представителей спортивной делегации Туркменистана.

Поздравив П. Гурьеву с замечательным успехом на XXXII летних Олимпийских играх, заместитель Председателя Кабинета Министров, заслуженный тренер Туркменистана С.Бердымухамедов выразил уверенность, что она ещё не раз поднимет зелёный Стяг нашей Отчизны на крупных международных турнирах.

В завершение церемонии её участники приняли благодарственное Обращение к Президенту Гурбангулы Бердымухамедову, в котором была выражена искренняя признательность за проявляемую постоянную заботу о популяризации спорта, за создание в стране всех условий для достижения высоких спортивных результатов.

В честь знаменательного события были организованы торжественный концерт и показательные выступления спортсменов.

В этот же день студентка Туркменского государственного института физической культуры и спорта П.Гурьева и тренер-преподаватель секции тяжёлой атлетики Школы высшего спортивного мастерства Министерства спорта и молодёжной политики Туркменистана А.Эмирян с глубокой благодарностью приняли новые автомобили, переданные им в дар от имени Президента Туркменистана.

Удостоенные высоких государственных наград заверили, что, эффективно используя предоставляемые возможности, они будут и впредь прилагать максимум усилий для решения поставленных задач, воодушевления молодёжи на достижение высоких спортивных побед.

Семья Полины Гурьевой вошла сегодня в подаренную главой государства комфортабельную трёхкомнатную квартиру в Ашхабаде.



За праздничным дастарханом звучали слова признательности лидеру нации Гурбангулы Бердымухамедову за этот замечательный подарок и наилучшие пожелания здоровья, долголетия и новых успехов в его многогранной деятельности во имя счастья и благополучия туркменского народа.

Интернет газета
Международные новости

# «2021 год – международный год мира и доверия»

В ходе предстоящей сессии Генеральной Ассамблеи Организации Объединённых Наций Туркменистан будет активно содействовать консолидации усилий международного сообщества по упрочению глобального мира и безопасности. Данное направление является одним из приоритетных векторов ключевых позиций Туркменистана на предстоящей 76-й сессии Генеральной Ассамблеи ООН, об этом было доложено в ходе недавнего правительственного заседания.

Как известно, Туркменистан всесторонне соотносит свою работу в социально-экономическом направлении с деятельностью ООН по выполнению целей устойчивого развития. Группа друзей Нейтралитета во имя мира, безопасности и развития, инициированная туркменской стороной и действующая на площадке ООН, нацелена на продолжение широкого многостороннего диалога по практическому применению принципов нейтрализма в предотвращении конфликтов, устранении их причин и последствий. Генеральная Ассамблея ООН объявив специальной резолюцией 2021 год – Годом международного мира и доверия, еще раз подтвердила усилия Туркменистана, направленные на формирование традиций мирного и доверительного сосуществования народов мира.

Туркменистан с первых дней священной независимости в качестве основ своей внешней политики определил установление и развитие взаимовыгодных и благоприятных отношений со всеми странами мира, внесение вклада в укрепление мира и международной безопасности в мире. 2 марта 1992 года Туркменистан был принят в члены Организации Объединенных Наций. На протяжении этих лет между Туркменистаном и ООН осуществляется международное сотрудничество.

10 декабря 2007 года в Туркменистане открылся Региональный центр ООН по превентивной дипломатии для Центральной Азии. Нейтральный Туркменистан – самый важный и надёжный партнёр ООН в обеспечении мира в регионе и во всём мире. Данный центр доказывает всемирное признание мудрой, внутренней и внешней политики лидера нации, направленной на выведение нашей страны в ряд развитых государств мира.

Региональный Центр ООН ведёт большую аналитическую работу по оценке ситуации в Центральной Азии и определению факторов, которые могут вести к нестабильности. Также Центр уделяет большое внимание региональной динамике. Поскольку факторы нестабильности могут ощущаться за пределами национальных границ. Центр работает над поиском и совмещением подходов, ориентированных на каждую из стран Центральной Азии с региональными взаимовыгодными подходами.



Для установления атмосферы прозрачного доверия между народами им важно лучше узнавать и понимать друг друга, чему в немалой степени помогает культурно-гуманитарное сотрудничество между ними, взаимодействие их культур и традиций.

По инициативе уважаемого Президента текущий год объявлен годом «Туркменистан – Родина мира и доверия» и в этом году приоритетное значение придаётся международному аспекту государственного развития.

В Резолюции Генеральной Ассамблеи ООН об объявлении 2021 года «Международным годом мира и доверия» подчёркнута необходимость развития превентивной дипломатии на основе многостороннего политического диалога и ведущая роль эффективного сотрудничества с Сообществом Нации, которые позволяют Туркменистану успешно реализовывать свой нейтральный статус в качестве важнейшего фактора обеспечения мира, безопасности и стабильности в регионе, а также весьма значимые внешнеполитические инициативы и предложения лидера нации.

В эпоху могущества и счастья, под руководством уважаемого Президента реализовываются программы по улучшению благосостояния народа, и все преобразования, осуществляемые в стране, направлены на благо родного народа.

Логическим продолжением внутренней политики государства является его внешняя политика. Туркменистан проводит внешнеполитический курс, основанный на принципах миролюбия, гуманизма и справедливости. Неуклонно реализуя нейтральный статус, Туркменистан развивает конструктивный и плодотворный диалог с международными организациями, поддерживает добрые, дружественные отношения со всеми государствами планеты, расширяет и углубляет равноправное, взаимовыгодное сотрудничество с ними, строго соблюдая национальные и общечеловеческие интересы, сохраняя верность международным соглашениям, и неукоснительно выполняя все взятые на себя обязательства.

Внешнеэкономическая деятельность является важным аспектом развития любого государства. Налаживание прочных и стабильных экономических связей на мировом рынке способствует повышению авторитета страны.

Регулирование внешнеэкономической деятельности предусматривает активное включение в мирохозяйственные связи, международное экономическое и финансовое сотрудничество; внедрение передовой инновационной технологии для выпуска конкурентоспособных товаров, активную внешнеторговую деятельность; привлечение прямых инвестиций, повышение экспортного потенциала страны, а также инвестиционную деятельность за пределами Туркменистана.

Ввод в строй 30-километровой железной дороги между станциями Акина – Андхой, 153-километровой линии электропередачи напряжением 500 киловольт по маршруту Керки – Шибирган, международной линии оптико-волоконной связи между нашими странами Имамназар – Акина и Серхетабат – Тургунди, а также открытие новой газокомпрессорной станции на месторождении «Малай» в Чарджевском этрапе стали наглядным доказательством укрепления политики дружбы и братства, развития доброжелательных отношений во всём мире.

Упрочение сотрудничества с соседними странами по Азиатскому региону и другими государствами - это одно из основных направлений внешней политики нашего нейтрального государства. Отношения основанные на взаимопонимании и доверии с соседними и другими странами, являются важным условием для укрепления мира и безопасности в регионе.

***Гызылгуль ТАНГРИБЕРДЫЕВА,***
***Акыняз САПАРГЕЛЬДЫЕВ,***
***преподаватели кафедры общественных наук Туркменского сельскохозяйственного университета имени С.А.Ниязова.***

# The Bright Path of the Youth

As known, under the leadership of the President of Turkmenistan Gurbanguly Berdimuhamedov, the key positions of Turkmenistan at the next 76th session of the UN General Assembly which will start its work on September 14 of this year in New York have been prepared.

